Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№26 (175) 2026-njy ýylyň 10-njy noýabry



ÄHLUMUMY SANLY HOWPSUZLYK UGRUNDA HALKARA TAGALLALAR BIRLEŞDIRILÝÄR

«Ýagşy niýet — ýarym döwlet», «Niýet — haýyr, akybet — haýyr» diýýän halkymyz haýyr-sahawaty, ak arzuwlary, ýagşy dilegleri asyrlarboýy özüne hemra edinip gelipdir. Şeýle päkize arzuw-niýetleriň hatarynda bolsa, Ýer ýüzüniň parahatlygy, zemin abatlygy, asmanymyzyň asudalygy möhüm orun eýeläpdir. Parahatçylygy dünýädäki iň uly baýlyk hasaplaýan halkymyz müňýyllyklara uzaýan şöhratly taryhynyň dowamynda dost-doganlyk, birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik ýörelgelerini ileri tutup, dünýä ýüzünde 70-den gowrak döwleti döreden milletdir. Şeýle beýik döwletleriň mirasdüşeri hökmünde häzirki döwürde Garaşsyz Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk syýasatyna esaslanyp, Ýer ýüzünde parahatçylygyň, asudalygyň hem-de abadançylygyň berkidilmegi ugrunda dünýäniň ençeme döwletleridir halkara guramalary bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýar. Şu ýylyň 5-6-njy noýabrynda hormatly Prezidentimiziň Gazagystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyryp, emeli aň ulgamynda howpsuzlyk boýunça Akaba prosesiniň Merkezi Aziýa döwlet Baştutanlary derejesindäki duşuşygyna gatnaşmagy hem ýurdumyzyň umumadamzat bähbitlerini nazarlaýan daşary syýasatynyň barha rowaçlanýandygynyň aýdyň beýanyna öwrüldi.

Paýhasy goýazy halkymyzda ýoň bolan «Ýer alma, goňşy al», «Toý görki — bagşy, öý görki — goňşy», «Kyýamat güni goňşudan» ýaly nakyllardyr atalar sözleriniň çuň mazmunyny bu günki gün hemişelik Bitarap Watanymyzyň sebit döwletleri bilen ýola goýýan dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mysalynda-da magat görmek bolýar. Şunda ýurdumyz bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky özara ynama, müňýyllyklara uzaýan taryhy köklerimize, umumy ruhy we medeni gymmatlyklarymyza esaslanýan strategik gatnaşyklar aýratyn bellenilmäge mynasyp. Häzirki wagtda söwda-ykdysady we üstaşyr ulag ulgamlaryna özara hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary hökmünde aýratyn uly üns berilýär. Bu babatda Gazagystan — Türkmenistan — Eýran demir ýoly ýaly bilelikdäki giň möçberli taslamalar möhüm ähmiýete eýedir. Ýakynda Demirgazyk — Günorta halkara ulag geçelgesiniň möhüm bölegi bolan Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan awtomobil ýolunyň Garabogaz — Gazagystan böleginiň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ak pata bermeginde açylmagy hem türkmen-gazak gatnaşyklarynyň dost-doganlyk ýollary bilen barha ilerleýändiginiň nyşany boldy.

Häzirki wagtda halkara giňişliginde we sebit platformalarynda ählumumy gün tertibiniň meseleleri boýunça Türkmenistan we Gazagystan garaýyşlarynyň ýakyndygyny ýa-da gabat gelýändigini görkezýär. Şunda Türkmenistan doganlyk döwletde guralýan parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine gönükdirilen dürli halkara forumlardyr sammitleriň, sergilerdir maslahatlaryň işine işjeň gatnaşýar. Ýeri gelende bellesek, şu ýylyň aprel aýynda hem döwlet Baştutanymyz Sebitleýin ekologiýa sammitine we Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisine gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasynda iş saparynda boldy. Hormatly Prezidentimiziň doganlyk döwlete amala aşyran bu iş saparynyň netijeleri hem köptaraply dialogy berkitmekde möhüm tapgyr bolup, ýurdumyzyň sebit hyzmatdaşlygyna ygrarlydygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

Bilşimiz ýaly, sanly tehnologiýalaryň we emeli aňyň mümkinçilikleriniň barha giňeýän döwründe, bu babatda halkara hyzmatdaşlygyny oňyn ugurlar boýunça ösdürmek häzirki zamanyň möhüm talaplarynyň biri bolup durýar. Maglumatlara ýüzlensek, Akaba prosesi 2015-nji ýylda döredildi. Ählumumy wehimleriň üýtgeýän şertlerinde bu prosesiň gün tertibi hem sanly giňişligi goramak, kiberhowpsuzlygy üpjün etmek we emeli aňy düzgünleşdirmek ýaly meseleleri-de öz içine alýar. Gazagystan Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň çäklerinde döwlet Baştutanymyzyň emeli aň ulgamynda howpsuzlyk boýunça Akaba prosesiniň Merkezi Aziýa döwlet Baştutanlary derejesindäki duşuşygyna gatnaşmagy hem ýurdumyzyň ählumumy sanly howpsuzlygy berkitmek ugrunda halkara tagallalaryny birleşdirmäge goşant goşmaga taýýardygyny aýdyňlygy bilen äşgär etdi.

Gazagystan Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň ikinji gününde hormatly Prezidentimiz çäräniň geçirilýän ýerine — Garaşsyzlyk köşgüne bardy. Bu ýerde hormatly Prezidentimizi Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew we Iordaniýa Haşimit Patyşalygynyň Patyşasy Abdulla II mähirli garşyladylar hem-de bilelikde ýadygärlik surata düşdüler.

Bu ýokary derejeli duşuşyga Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti, Iordaniýanyň Patyşasy, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti, Azerbaýjan Respublikasynyň Milli mejlisiniň başlygy, Gyrgyz Respublikasynyň daşary işler ministri, halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň, Ýewropa Bileleşiginiň, GDA-nyň ugurdaş edaralarynyň, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň wekilleri, emeli aň howpsuzlygy ulgamyndaky halkara bilermenler we beýlekiler gatnaşdylar.

Sammitiň gün tertibine emeli aň ulgamynda howpsuzlygy üpjün etmek, kiberhowplara garşy durmak hem-de bu ugurda Merkezi Aziýa we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň ugurdaş düzümleriniň hem-de maglumat tehnologiýalary ulgamynyň wekilleriniň tagallalaryny birleşdirmek bilen baglanyşykly meseleler girizildi.

Hormatly Prezidentimiz sammitde çykyş etmek bilen, ýurdumyz tarapyndan öňe sürülýän başlangyçlary beýan etdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Türkmenistan halkara ähmiýetli teklipleri öňe sürmek bilen, dünýäde uzak möhletli howpsuzlygy, ilkinji nobatda, öňüni alyş diplomatiýasyny işjeňleşdirmek, bitaraplyk ýörelgelerini iş ýüzünde ulanmak, şeýle hem parahatçylyk, ynanyşmak we syýasy dialog medeniýetini gaýtadan dikeltmek arkaly üpjün edip boljakdygyndan ugur aldy» diýip belledi.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Merkezi Aziýada we tutuş dünýäde berk howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek boýunça hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarlydygyny hem-de Akaba prosesiniň maksatlaryny hem-de wezipelerini durmuşa geçirmäge netijeli goşandyny goşmaga taýýardygyny tassyklady.

Ýokary derejeli duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň ählumumy kiberhowpsuzlygyň täze arhitekturasyny kemala getirmäge gönükdirilen netijeli başlangyçlary hem-de teklipleri sammite gatnaşyjylaryň giň goldawyna eýe boldy.

Gazagystan Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Iordaniýa Haşimit Patyşalygynyň Patyşasy Abdulla II ibn Al Husseýn bilen hem duşuşdy.

Söhbetdeşler emeli aň ulgamynda howpsuzlyk boýunça Akaba prosesiniň Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlary derejesindäki duşuşygyň çäklerinde duşuşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirip, Türkmenistanyň hem-de Iordaniýanyň dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge we özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga uly ähmiýet berýändiklerini belleldiler.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Iordaniýa bilen deňhukukly we özara hormat goýmak esasynda ýola goýlan hyzmatdaşlygy giňeltmäge ygrarlydygyny tassyklap, şu duşuşygyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge we hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemäge möhüm goşant goşjakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Patyşa Abdulla II-ni özi üçin islendik amatly wagtda sapar bilen Türkmenistana gelmäge çagyrdy. Iordaniýanyň Patyşasy çakylygy hoşallyk bilen kabul edip, şu günki duşuşygyň döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň Akaba prosesiniň Merkezi Aziýa döwlet Baştutanlary derejesindäki duşuşygyna gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasyna amala aşyran iş sapary hemişelik Bitarap döwletimiziň umumadamzat bähbitlerini nazarlaýan halkara başlangyçlarynyň giň goldawa eýe bolýandygyny ýene-de bir gezek aýdyňlygy bilen subut eden möhüm wakalaryň biri boldy.

Goý, parahatçylygyň, ählumumy howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň, Ýer ýüzüniň abatlygynyň, tutuş ynsanyýetiň ýagty geljeginiň hatyrasyna ýurdumyzyň öňe sürýän ynsanperwer başlangyçlary dowamat-dowam bolsun! Şeýle beýik başlangyçlaryň sakasynda duran Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

Yhlas HALLYÝEW,
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
4-nji ýyl talyby,
«Ýaş diplomatyň sesi».

GURLUŞYK WE SENAGAT TOPLUMY ÖSÜŞIŇ AÝDYŇ ÝOLUNDA

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz ösüşiň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen barýar. Döwletimiziň ähli ulgamlarynda halkymyzyň bähbidine gönükdirilen toplumlaýyn özgertmeler amala aşyrylýar. Şunda gurluşyk we senagat pudagyna möhüm orun degişlidir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu pudagyň işi döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilip, oňyn netijeler gazanylýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň noýabr aýynyň 3 — 5-i aralygynda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda geçirilen «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergi we maslahat hem ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan kuwwatly döwlete öwrülmeginde möhüm orun eýeleýän pudaklaryň mümkinçilikleri babatda halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýe boldy.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda giňden bellenilen Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününe gabatlanyp geçirilen bu giň gerimli forum gurluşyk, senagat önümçiligi, energetika we himiýa senagaty, ýol gurluşygy ulgamynda döwletimiziň gazananlary, dünýä belli kompaniýalaryň hödürleýän ýöriteleşdirilen enjamlary, öňdebaryjy tehnologiýalary bilen tanyşdyrýar hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin täze mümkinçilikleri hödürleýär. Halkara sergä we maslahata 60-a golaý döwletden 800-den gowrak wekiliň gatnaşmagy durnukly ösýän ýurt hökmünde dünýäde giňden tanalýan hemişelik Bitarap Watanymyz bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge gyzyklanmanyň uludygyny görkezýär.

Sergide gurluşyk we senagat toplumynyň ministrliklериniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň diwarlyklaryna möhüm orun berilendigi aýratyn bellenilmäge mynasyp. Olarda ýurdumyzyň gurluşyk, elektroenergetika, gurluşyk serişdeleriniň önümçiligi, himiýa senagatynda gazanylan sepgitler täsirli beýan edilýär.



Bu ugurda degişli döwlet strategiýasynyň yzygiderli amala aşyrylmagy netijesinde ýurdumyzda öňdebaryjy tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan, eksport ugurly harytlaryň giň görnüşlerini öndürmäge ýöriteleşen döwrebap senagat kärhanalary gurlup, ösen önümçilik düzümi kemala getirilýär hem-de medeni durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy depginli alnyp barylýar.

Işjeň ýagdaýda geçen halkara sergä Türkiýe, Fransiýa, Şweýsariýa, Russiýa, Hytaý, Eýran, Özbegistan ýaly döwletleriň köp sanly öňdebaryjy kompaniýalary işjeň gatnaşdylar. Ýeri gelende bellesek, şolaryň hatarynda ýurdumyzyň ozaldan gelýän hyzmatdaşlary bolan «Çalyk Enerji», «Gap Inşaat», «Rönesans», «Bouygues» ýaly kompaniýalar hem bar.

Häzirki wagtda dünýä döwletleri bilen dürli ugurlarda özara bähbitli gatnaşyklary berkitmäge möhüm ähmiýet berýän döwletimiz gurluşyk we senagat ulgamynda hem halkara hyzmatdaşlygyny yzygiderli pugtalandyrýar. Şunda «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergi we maslahatyň ikitaraplaýyn duşuşyklara baý bolandygyny aýratyn nygtamak gerek. Iri halkara kompaniýalaryň we ýurdumyzyň döwlet düzümleriniň ýolbaşçylarynyň arasynda geçirilen gepleşikler geljekki ylalaşyklar üçin berk binýady emele getirýär. Duşuşyga gatnaşyjylar bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň anyk şertlerini we maýa goýum mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar. Şeýle-de halkara forumyň çäklerinde ýurdumyzyň döwlet düzümleriniň we daşary döwletleriň iri kompaniýalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk resminamalaryna gol çekildi.

Gurluşyk-senagat toplumynyň kuwwaty ýaşaýyş jaýlaryny gurmak, sebitleri özgertmek, senagatlaşdyrmak, senagat we ulag düzümini ösdürmek boýunça kabul edilen döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir. Soňky ýyllarda köp sanly taslamalaryň Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary bolan hususy kärhanalar tarapyndan amala aşyrylýandygyny aýratyn nygtamalydyrys.

Şeýlelikde, «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergi we maslahat ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumynda alnyp barylýan işleriň barha rowaçlanýandygynyň aýdyň beýanyna öwrüldi.

Goý, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyzy gülledip ösdürmek, döwletimiziň halkara abraýyny has-da belende galdyrmak ugrunda taýsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

Hudaýberdi ROZYKOW,
Halkara gatnaşyklary fakultetiniň
5-nji ýyl talyby.

BITARAPLYK — DAŞARY SYÝASATYMYZYŇ MIZEMEZ SÜTÜNI

Gahryman Arkadagymyz tarapyndan berk binýady goýlup, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän daşary syýasy strategiýamyz döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýar. Bu özboluşly doktrina abadançylykda ýaşamak, sebitde howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge ýardam bermek bilen, parahatçylyk döredijiliginiň ykrar edilen ýörelgesine öwrüldi. Dünýä jemgyýetçiligi bu syýasatyň halkara gatnaşyklaryndaky ähmiýetine ýokary baha berip, döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny birnäçe gezek tassyklady. Birleşen Milletler Guramasynyň resminamalary, şol sanda Baş Assambleýanyň Kararnamalary bu syýasatyň häzirki döwürde möhüm ähmiýete eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan abraýly halkara we sebit guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy bilen netijeli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. Bilşimiz ýaly, 1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň biragyzdan goldamagy bilen, «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama kabul edildi. Ählumumy derejede halkara parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam berip, dünýä ýurtlarynyň arasynda parahatçylykly, dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde möhüm orny eýeleýän ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygy Milli Liderimiziň oňyn başlangyçlary esasynda 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde bu gurama girýän 193 döwletiň ählisi tarapyndan makullanyp, ikinji gezek hem ykrar edildi. Bu bolsa Gahryman Arkadagymyzyň parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan oňyn başlangyçlary netijesinde, Garaşsyz Türkmenistanyň halkara gatnaşyklar ulgamynda abraý-mertebesiniň barha ýokarlanýandygynyň aýdyň subutnamasyna öwrüldi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy sözüň doly manysynda özboluşly nusgawy häsiýete eýedir. Öz döwründe Şweýsariýa, Belgiýa, Awstriýa ýaly döwletler Bitaraplyk derejesine eýe bolupdylar. Ýöne olaryň bu derejä eýe bolmaklary sebitiň döwletleriniň şol döwürlerde alyp baran syýasatlarynyň netijesinde emele gelen taryhy ýagdaý bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Umumadamzat bähbitlerini nazarlaýan daşary syýasatymyz halkara derejesinde ykrar edilip, dünýä ýurtlary bilen dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde möhüm ähmiýete eýedir. Bu syýasat sebitde we dünýäde parahatçylygy, durnuklylygy we ösüşi üpjün etmäge möhüm goşant goşýar. Hemişelik Bitaraplyk syýasaty Türkmenistanyň içerki ösüşine-de oňyn täsirini ýetirýär. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýalaşdyrylmagy, durmuş ulgamynyň kämilleşdirilmegi we halkyň abadançylygynyň ýokarlandyrylmagy, oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan syýasatymyzyň netijeleridir.

2025-nji ýylyň 21-nji martynda hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasy esasynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy üçünji gezek ykrar edildi. Kararnamada Türkmenistanyň öňüni alyş diplomatiýasyna goşýan goşandy we ynsanperwerlik kömegini bermekde eýeleýän oňyn orny nygtalýar.


Ýurdumyzyň başlangyjy boýunça 2017-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etdi, 2025-nji ýyl bolsa Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. BMG-niň çäklerinde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary topary döredildi. Bu bolsa döwletimiziň dünýä giňişliginde parahatçylyk döredijilik babatda gazanan tejribesini işjeň ilerletmek bilen, bu ugurda öz üstüne alan halkara borçnamalaryny üstünlikli durmuşa geçirýändigini aýdyň görkezýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda: «Hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi Türkmenistana halkara giňişlikde okgunly ösmäge mümkinçilik berdi, içerki abadançylygy üpjün etdi hem-de oňyn gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmek üçin ähli zerur şertleri döretdi. Şunda häzirki zamanyň ählumumy ösüş meýillerini bitewi, üznüksiz kabul etmek ukyby döwletimiziň dünýä giňişliginde amala aşyrýan daşary syýasatynyň we üstünlikli diplomatik işiniň möhüm şertleriniň biridir» diýip jaýdar belleýär. Hakykatdan-da, ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda daşary syýasat babatda toplan oňyn tejribesi milli çäklerden çykyp, halkara jemgyýetçiligi üçin kämil nusga öwrüldi. Türkmenistanyň tejribesi döwletleriň häzirki ählumumy ýagdaýlarda diňe bir özygtyýarlylygy gorap saklamak bilen çäklenmän, eýsem, diplomatiýanyň we ykdysady hyzmatdaşlygyň gurallaryny ulanmak arkaly, sebit hem-de ählumumy howpsuzlygyň arhitekturasyny gurmagada işjeň gatnaşmaga ukyplydygyny görkezýär.

Ezizhan GAHRYMANOW,
Halkara gatnaşyklary fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.

3-nji noýabrda Türkmenistanyň DIM-inde Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredowyň Aşgabada wekiliýetiň uly düzümi bilen gelen Awstriýa Respublikasynyň Federal Geňeşiniň Başlygy Kristin Şwars-Fuks bilen duşuşygy geçirildi.

DAÝAHATYN KERWENSARAÝY — BEÝIK ÝÜPEK ÝOLUNYŇ MIRASY



Türkmenistanyň çäkleri gadymy döwürlerden bäri Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky söwda we medeni gatnaşyklarynda möhüm orun eýeläpdir. Bu toprakdan geçen Beýik Ýüpek ýoly diňe bir harytlaryň daşalýan ugry bolman, eýsem, dürli halklaryň medeniýetleriniň, däp-dessurlarynyň we bilimleriniň özara baýlaşmagyna hem şert döredipdir. Şol ýoluň ugrunda gurlan kerwensaraýlar söwdagärleriň, ýolagçylaryň we kerwenleriň düşläp geçýän möhüm ýerleri bolupdyr. Lebap welaýatynda ýerleşýän Daýahatyn kerwensaraýy şeýle taryhy desgalaryň iň ähmiýetlileriniň biridir.

Daýahatyn kerwensaraýy Amyderýanyň çep kenarynda, gadymy Amuldan Horezme tarap uzap gidýän söwda ýolunyň ugrunda ýerleşýär. Ol Türkmenabat şäherinden takmynan 170 kilometr demirgazykda ýerleşýän taryhy ýadygärlikdir. Bu desga diňe bir kerwenleriň düşelgesi bolman, eýsem, öz döwrüniň syýasy, ykdysady we medeni durmuşyny öwrenmekde hem uly ähmiýete eýedir.

Taryhy maglumatlara görä, Daýahatynyň ilkinji gurluşygy IX asyryň başlaryna degişli bolup, ol Tahyr ibn Hüseýniň hökümdarlyk eden döwründe bina edilipdir. Ilkibaşda harby berkitme hökmünde ulanylan bu desga soňra öz wezipesini üýtgedipdir. XI — XII asyrlarda Beýik Seljuklar döwründe onuň merkezi bölegi täzeden gurlup, kerwensaraý hökmünde ulanylypdyr. Şol döwürde binanyň daşky we içki bezeglerinde bişen kerpiç giňden peýdalanylypdyr. Bu ýagdaý şol döwrüň gurluşykçylarynyň binagärlik sungatyna uly ähmiýet berendigini görkezýär.

Daýahatyn kerwensaraýynyň esasy wezipesi uzak ýola çykan kerwenleriň düşlemegini, söwdagärleriň dynç almagyny we howpsuzlygyny üpjün etmek bolupdyr. Beýik Ýüpek ýolundan geçýän kerwenler dürli ýurtlardan getirilen harytlary daşapdyrlar. Kerwensaraýlar şeýle kerwenleriň möhüm duralgalary bolup, söwda gatnaşyklarynyň yzygiderli alnyp barylmagyna ýardam beripdir. Daýahatynyň Amul bilen Horezm aralygyndaky ýoluň ugrunda ýerleşmegi, onuň taryhy ähmiýetini has-da artdyrypdyr.

Häzirki wagtda Daýahatyn kerwensaraýy Türkmenistanyň milli taryhy-medeni mirasynyň möhüm bölegi hökmünde öwrenilýär we gorap saklamak boýunça işler alnyp barylýar. Türkmenistanyň taryhy ýadygärlikleri goramak, öwrenmek we rejelemek boýunça hünärmenleri bu desganyň degişli böleklerini abatlamak, onuň binagärlik aýratynlyklaryny gorap saklamak ugrunda iş alyp barýarlar.

Jemläp aýdanyňda, Daýahatyn kerwensaraýy halkymyzyň geçmişde halkara söwda we medeni gatnaşyklara goşan goşandyny görkezýän gymmatly ýadygärlikdir. Ol ata-babalarymyzyň diňe bir söwda işlerinde däl, eýsem, gurluşyk we binagärlik sungatynda hem uly üstünlikleri gazanandygyny subut edýär. Şeýle taryhy desgalary öwrenmek, gorap saklamak we geljekki nesillere ýetirmek milli taryhymyza bolan hormatyň aýdyň beýanydyr.

Selbi GULMYRADOWA,
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
5-nji ýyl talyby.

CULTURAL DIPLOMACY — AN INSTRUMENT OF PEACE

In today's era of globalization, the development of relations between the states of the world relies not only on political dialogues and economic cooperation, but also increasingly on the growing importance of cultural relations. This is because culture is a rich treasure that embodies the spiritual world, history, traditions, national values, and ways of life of nations. It serves as an essential bridge that fosters mutual understanding, trust, and friendly relations among different peoples. From this perspective, cultural diplomacy stands out as one of the effective means of strengthening international relations, consolidating brotherhood among nations, and supporting global peace.

The impact of cultural diplomacy in international relations manifests itself most clearly through various cultural events. International festivals, exhibitions, creative meetings, theatrical performances, cinema days, and scientific conferences create conducive conditions for the cultural rapprochement of states. In such events, while nations promote their national characteristics to the world, they also learn to respect the cultural heritage of other peoples. Cultural exchange expands the worldview of the younger generation, develops creative relations, and reveals the significance of universal human values.



One of the crucial directions of cultural diplomacy is cooperation in the fields of education and science. Student exchange programs, international scientific conferences, foreign language teaching, and joint scientific projects establish close ties among citizens of different countries. Young people studying in another country not only enrich their professional knowledge, but also get acquainted with the culture, history, and social life of that country. Upon returning to their home countries, they contribute to the development of international cooperation by sharing their acquired experiences. Thus, education transforms into an important tool of cultural diplomacy that allows for the achievement of long-term results.

The development of modern technologies further expands the possibilities of cultural diplomacy. Thanks to the Internet, digital platforms, virtual exhibitions, and social networks, it has become possible to rapidly disseminate cultural values to various corners of the world. Now, information about a work of art, music, or literature created in one country can reach millions of people within a short period. This situation enables the establishment of new relationships between cultures, increases youth participation in international cultural life, and strengthens the mutual interest of peoples in one another.

Cultural diplomacy is a powerful force that strengthens international relations, cements trust and friendship among nations, and promotes peace and mutual understanding. It enhances not only official cooperation between states, but also humanitarian relations. The mutual enrichment of cultures allows the common goals and values of the world's peoples to manifest themselves more clearly.

Zuleyha GAYGYSYZOVA,
the 2nd year student of
the Faculty of International
Journalism.

Collection of proverbs in French, Turkmen, Russian and English

Les murs ont des oreilles. *** Deux moineaux sur un épi ne sont pas longtemps amis. *** Les chiens aboient, la caravane passe. *** On connaît l'arbre à ses fruits. *** Brebis galeuse gâte le troupeau. *** Il ne faut pas courir deux lièvres à la fois. *** Une hirondelle ne fait pas le printemps. (Un homme seul ne peut rien). *** Il faut hurler avec les loups. *** Chat échaudé craint l'eau froide. *** La peur grossit les objets. *** On ne réussit pas toujours du premier coup. *** D'abord réfléchir, puis agir.	Tamda gulak bar. *** Iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnamaz. *** It üýrer, kerwen geçer. *** Agaç iýmişinden belli, adam kylmyşyndan. *** Süri agsaksyz bolmaz. *** Bir elde iki garpyz tutdurmaz. *** Bir garlawaç ýaz etmez. (Ýekäniň çaňy çykmaz). *** Goňşyň kör bolsa, gözüň gyparak. *** Süýtde agzy bişen, suwy üfläp içer. *** Gorkana goşa görner. *** Ilkinji külçe külsüz bolmaz. *** Ýedi ölçäp, bir kes.	У стен есть уши. *** Двум медведям в одной берлоге не ужиться. *** Собака лает, а караван идёт. *** Дерево познаётся по плодам, а человек по делам. *** Паршивая овца всё стадо портит. *** За двумя зайцами погонишься, ни одного не поймаешь. *** Одна ласточка весну не делает. (Один в поле не воин). *** С волками жить, по волчьи выть. *** Обжёгшись на молоке, будешь дуть и на воду. *** У страха глаза велики. *** Первый блин комом. *** Семь раз отмерь, один раз отрежь.	Fields have eyes, and woods have ears. *** Two of a trade seldom agree. *** The dogs bark, but the caravan goes on. *** A tree is known by its fruit. *** There is a black sheep in every flock. *** If you run after two hares, you will catch neither. *** One swallow does not make a summer. (One man is no man). *** When in Rome, do as the Romans do. *** Once bitten, twice shy. *** Fear has big eyes. *** You must spoil before you spin. *** Measure twice, cut once.

Toplan Ogulbeg GAZAKOWA, Dünýä dilleri kafedrasynyň uly mugallymy.

On November 4, 2026, Deputy MFA of Turkmenistan M.Byashimova met with the Special Representative of the UN Secretary-General for Central Asia and Head of the United Nations Regional Centre for Preventive Diplomacy for Central Asia (UNRCCA) K.Imnadze.

BAHARDA...

(Hekaýa)

Biz ir säher bilen oýanyp, ýatakdaky mallarymyzy öri meýdanyna goýberdik. Ol wagtlar ýaz aýlarydygyna garamazdan howa gyzyp ugrapdy.

Mallar öri meýdanynda otlap ýördi. Biz saýaly baglaryň kölegesinde oýuna güýmenip oturşymyza wagtyň nähili geçendigini hem duýman galypdyrys. Günortan ýakynlaberende mallary öri meýdanyndan alyp ýabyň boýuna suwa ýakmaga sürdük. Ol ýerde bir malymyz ýaba gaty ýakynlap suwa gaçdy. Biz ony zordan çykaryp aldyk. Şol wagt başga bir çopan hem mallaryny suwa ýakmaga getiripdi. Biz mallary suwa ýakyp ýataga eltdik. Ýataga baranymyzda mallary sanap durşumyza, olaryň iki sanysynyň kemdigini bildik. Günortan naharyny edinip, mallary ýene-de öri meýdanyna goýberdik we ýiten mallaryň gözlegine çykdyk. Ilki bilen olaryň baryp biläýjek ýerlerine göz aýladyk. Ýakyndaky ýap boýlaryny, ekin meýdanlaryny gördük. Ýöne ýiten mallary tapmak bize başartmady. Soňra bolsa uzakdaky öri meýdanlaryna gözlege çykdyk.


Gün mazaly gyzany üçin bir bagyň kölegesine baryp, azrak dynjymyzy alyp, ýene-de gözlegi dowam etdirdik. Gözlegiň dowamynda yssy howa sebäpli, halys ýadapdyk. Şol gidip barşymyza süriden ep-esli uzaklaşdyk. Gün ýaşyp barýany üçin yza dolanmaly bolduk. Ýol boýy ýenede mallaryň baryp biläýjek ýerlerini gözledik. Ýöne olary tapyp bilmedik.

Biz gaty suwsapdyk, ýanymyza alan suwumyz hem gutaraňkyrlapdy. Soňra goşa baryp, ol ýerde teşneligimizi gandyrdyk. Özümizi dürsäp oturşymyza, uzakdan mallaryň sesi eşdildi. Biz şolbada ýerimizden turup seretsek, ýiten mallarymyzy nätanyş bir adam sürüp gelýärdi. Ol adam biziň ýanymyza gelip:

— Mallar siziňki öýdýän!? — diýip, sorady. Biz hem:

— Hawa! — diýip, jogap berdik. Görüp otyrsak, suwa ýakan ýerimizde mallar başga sürä goşulan bolsa nätjek!? Dostum bilen ýüzi nurana ýaşula mallarymyzy getireni üçin sagbolsun aýtdyk we olary ýataga salyp, çopany saçak başyna çagyrdyk. Köp çärşenbäni başdan geçiren ýaşulynyň gürrüňleri bizde uly täsir galdyrdy. Mal bakylanda hüşgärliginiň, her bir malyň häsiýetine beletçiliginiň zerurdygyny ýaşuly çopan dürli hili wakalaryň üsti bilen aýdyp berdi. Şol gürrüňler bize onda soňky günlerde mal bakan wagtlarymyz hem kömek etdi.

Agageldi SEÝITMUHAMMEDOW,
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.



5 золотых правил дипломатического протокола



1. Правило «Первого рукопожатия»

В дипломатии инициатива рукопожатия всегда принадлежит лицу, занимающему более высокое положение (старшему по рангу). Если ранги равны, первым руку протягивает хозяин встречи гостю. Рукопожатие должно быть уверенным, но не слишком долгим — 2–3 секунды достаточно.

2. Язык визитных карточек

Визитка — это ваше «лицо» в миниатюре. В международной практике (особенно в странах Азии) визитку принято подавать и принимать обеими руками, слегка поклонившись. Никогда не делайте на чужой визитке пометок в присутствии её владельца — это считается неуважением.

3. Дресс-код

Если в приглашении указано «Business Attire», это не просто костюм. Для мужчин обязателен галстук некрича-



щих тонов, для женщин — деловой костюм или платье средней длины. Аксессуары должны быть статусными, но сдержанными. Ваша задача — подчеркнуть профессионализм, а не богатство.

4. Искусство «Small Talk»

Перед тем как перейти к важным делам, дипломаты всегда ведут легкую беседу.

Запретные темы: Религия, политика (если это не официальная повестка), состояние здоровья и личные финансы.

Безопасные темы: Культура, погода, архитектура города или последние позитивные новости науки.

5. Пунктуальность — вежливость королей

В дипломатии «опоздать на 5 минут» — значит проявить неуважение к принимающей стороне. Прибыть ровно в назначенное время — хорошо, но прибыть за 5 минут до начала — идеально. Это дает вам время выдохнуть и настроиться на нужный лад.

Хаджар КАКАДЖАНОВА,
студентка 2-го курса факультета международной журналистики.

GÜÝZÜŇ ILKINJI ÝAGŞY



Gök asmany gara bulutlar büräp,
Bu gün ýagdy güýzüň ilkinji ýagşy.
Çygly damjalarny her ýana syrap,
Çekipdir penjirä ajaýyp nagşy.

Her damjasy bulutlardan süzüldi,
Ýaprak baldaklary bagdan üzüldi,
Guşjagazlar gök asmanda düzüldi,
Ýaganda güýz günüň ilkinji ýagşy.

Jana hoş ýakýardy şybyrdy sesi,
Tämizlikdi onuň uly höwesi,
Joşguna beslendi belendi, pesi,
Ýaganda güýz günüň ilkinji ýagşy.


Biraz ezildim men ýagyşda durup,
Damjalar gaýdýardy başymy syryp,
Ýüregimde bolsa müň arzuw gurup,
Synladym güýz günüň ilkinji ýagşyn.

GÜÝZDE

Ir säher öwüsdi bir mymyk şemal,
Ol şemal meň saçlarymdan ogşady,
Salkyn howa alyp güýzden bir kemal,
Baglardaky ýapraklaram gowşady.

Saralyp gaçyşyp başlady ýere,
Ýazdaky açylan ýaşyl ýapraklar.
Sary ýapragam ýok baga geýere,
Altyn reňkli güýzde mele topraklar.

Durnalar başga bir ülkä göç etdi,
Hoşlaşyp geçdiler dag, dere, düzden.
Bu pasly köp şahyr taryplap ötdi,
Ylhamyny alyp sap-sary güýzden



Çynar AZADOWA,
Halkara žurnalistikasy
fakultetiniň 1-nji ýyl talyby.

4 ноября состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Р.Мередова с заместителем Исполнительного директора международной организации «Устойчивая энергетика для всех» (SEforALL) С.Маргуччо.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT — ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

Baş redaktoryň orunbasarlary: *A.Ýazweliýew, Y.Hallyýew.*
Jogapkär kätip: *O.Çaryýarowa.*
Jogapkär kätibiň orunbasary: *A.Begenjow.*
Bölüm müdiri: *B.Baýhanow.*
Edebi işgärler: *Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.*
Korrektorlar: *O.Geldiýewa, S.Çaryýew.*
Fotohabarçy: *T.Gurbandurdyýew.*

Redaksion geňeşiň agzalary:
P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, M.Atanyýazow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, M.Gurbannazarowa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com